# «Ynsaýmyn» näme, bilýäñizmi?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Ynsaýmyn" näme, bilýäñizmi? «YNSAÝMYN» NÄME, BILÝÄÑIZMI?

24-nji fewraldaky ýazgymda “Sizden iññän möhüm ylmy barlagyñ meselesi barada soraýaryn” diýipdim. “Bir ylmy kitabyñ üstünde işläp ýörün. Adyny geñirgenmegiñiz mümkin: YNSAÝMYN.”
Ynsanyñ «ynsy»… Maýmynyñ «aýmyny». Ewolýusion hromosom taýdan alanda iñ ýakyn garyndaşymyz – ŞIMPANZE.
Stalin döwründe SSSR-de başlap, ondanam ABŞ-na, Hytaýa, Angliý, Fransiýa ýaýran ylmy laboratoriý synaglary we tebigy taýdan munuñ pelsepewi jedelleri.
Urkaçy maýmyn bilen erkek adam… Ýa-da erkek maýmyn bilen urkaçy adamyñ tohumynyñ we ýumurtgalygynyñ emeli ýoldan birleşdirilmegi arkaly täze jandary, täze jynsy döredip bolarmyka?
Kitabymyñ şu sorag boýunça aýrylan bölümine pikirleriñizi ugradyp, muña goşant goşmagyñyzy haýyş edipdim.
Sag boluñ, gelen pikirleriñ hemmesini ulandym. Ýazdym, kitaby tamamladym.
Jogabyna garaşan soraglarym şulardy:
– Bular ýaly zady etmek mümkinmi beri?
– Etiki taýdan nähili problemalary döretderkä?
– Dini gatlaklar bu üýtgeşmä nähili gararlarka?
Pikirleriñize-de, uzyn bolsun, gysga bolsun, tapawudy ýok – idalist, teist, ateist diýmän, hemmesine artdyrman, kemmän, ýoýman ýer berdim.

■ STALİNDEN ABŞ-na

Kitapda nämeler ýok…
Stalin buýruk berýär: “Yeñilmezek ynsan jynsyny döretmegiñizi buýurýaryn… Agyry-yza duýmaýan… Añrybaş çydamly… Hem-de näme berseñ gaşyny çytman iýip bilýän iri mädeli…”
Taryhyñ dili 1926-njy ýyly görkezende Ylymlar akademiýasy

**Politbýuro**dan şu görkezmäni alýar: “Janly we söweşjeň jandar ýasamaly!”
Özem bu işiň hötdesinden ynsan bilen maýmynyň gatyşygyndan “ynsaýmyn ýaly at berilmegi göz öňüne tutulan gibrid jynsyň gelil biljekdigine ynanylýar.
Stalin bu wajyp tabşyrygy Iwanowa ynanýar. Şol döwür üçin ullakan pul bolan 200 müň dollarlyk çykdajyny-da gaznadan bölüp berýär. Tabşyryk ýerine ýetirilýär, emma netijesiz tamamlanýar.
Iwanow diýilýän adam – hakyky alym. Ol Staliniň gurmakçy bolýan gibrid goşunyndan zyýada, ewolýusion taglymat bilen gyzyklanypdyr. Ol adamlaryň maýmyndan dörändigini subut etjek bolup jan edipdir.
Maýmynlar adamyň spermasy bilen tohumlandyrylsalar, netije nähili bordy? Işler şowuna bolan bolsa, göwreliligiň neneňsi öňe gitmegine itergi berjekdigini bilemzok.
Eger maýmyn-adam ýa-da adam-maýmyn gibridi döräýen ýagdaýynda iki esasy jynsyň gatnaşygynyň häzirki wagt çak edilşinden has ýakyn bolandygy subut ediljekdi.
ABŞ hem muny resmi we resmi däl ýagdaýda häzirem amala aşyrmagyn kül-külünde, elbetde.
Mysal üçin, **«MIT Technology Review»**-iň habar bermegine görä, amerikan goşuny soňky döwürde Minnesota unuwersitetinde täze mahluk döretme maksatnamasyna 1.4 million dollar bölüp berdi.

■ AMALA AŞYRLAÝAN ÝAGDAÝYNDA…

Geň. Käbir alymlaryň pikiriçe, bu iki jynsyň jübütleşmesinden doguljak gibrid çagany öndürmek üçin hiç hili esas ýok.
1977-nji ýylda **«Anatomical Record»** žurnalynda makaki maýmynynyň adamyň spermasyndan göwreli bolandygy hakynda habar çap edilipdi.
Käbirleri akyl-paýhasyň diňe bir jynsa mahsus aýratynlykdygyny öňe sürýär. Bu pikire gol ýapsaň, eger iki akylly jyns bir wagtda orta çyksa, biri ahyrynda beýlekä basdaşlyk edip başlar we beýlekiniň ýok bolmagyna sebäp bolar.
Haýwanlaryň ynsan derejesindäki akyl-paýhasa çenli

beýgelmegine päsgel berip biljek hiç hili ahlak-moral gadagançylygy ýok. Bolubam bilmez…
Ýöne haçanam bolsa bir wagt şolar ýaly ewolýusion üýtgeşme bolup geçse, olara garşy-da başga adamlaryñ aglabasyna rowa gören zulum-sütemlerimiziñ hasam beterini edermikä diýýän.

Halit KAKYNÇ.

25.08.2020, Odatv.com Geň-taňsy wakalar